# Türmede düýş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türmede düýş TÜRMEDE DÜÝŞ

Düýşümde ýanyma gyzym geldi-de
Saçlarymy sypaşdyrdy, darady.
— Ah, atajan, kän gezdiñ! — diýp güldi-de,
Gözlerime mähir bilen garady.

Şatlygymdan aljyrap hem mesirgäp,
Bagryma men mäkäm gysdym gyzymy.
Söýgiñ, mähriñ duýgysyndan esirgäp,
Bir az salym unudypdym özümi.

Şondan soñra çykyp gitdik meýdana,
Gujaklady bizi güller deñizi.
Ömür süýji, söýgi — ýakymly jana,
Gör nähili ýagty, erkin — ýer ýüzi!..

Oýandym men, görsem şol öñki türme,
Gollarymda öñki urlan bukowlar.
Baş ujumda öñki gaýgy, — geñ görme,
Ynha oýanar diýp garap dur olar.

Ah, näm üçin ymsyndyryp köýdürýär,
Hiç haçan dolanyp gelmejek ýazym?
Şatlygy diñe bir düýşler duýdurýar,
Näm üçin tükenmez gaýgym, azabym?!

sentýabr, 1943 ý.

Terjime eden: Berdi KERBABAÝEW. Goşgular